GARAŞSYZ, BAKY BITARAP WATANYMYZA, MÄHRIBAN HALKYMYZA, TÜRKMENISTANYŇ HORMATLY PREZIDENTINE—
TÜRKMENISTANYŇ ÝARAGLY GÜÝÇLERINIŇ BELENT SERKERDEBAŞYSYNA GULLUK EDÝÄRIN!

# ESGER

Dünýäde Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilen ilkinji Bitarap döwlet—bu biziň ata Watanymyz—eziz Türkmenistandyr!

ESASLANDYRYJYSY—TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

Gazet 1993-nji ýylyň 6-njy martyndan bäri çykýar. • № 5 (1713) • 2026-njy ýylyň 29-njy ýanwary • Penşenbe



*Türkmeniň ak ýoly — Galkynyş ýoly*

## ÝURDUMYZYŇ ASUDALYGYNYŇ GORAGYNDA

***21-nji ýanwarda hormatly Prezidentimiz, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy, goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňişleýin göçme mejlisini geçirdi. Onda harby we hukuk goraýjy edaralar tarapyndan 2025-nji ýylda alnyp barlan işleriň netijelerine seredildi hem-de şu ýylda bu düzümleriň öňünde duran esasy wezipeler kesgitlenildi. Mejlisiň barşynda ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralarynyň ýolbaşçylary özleriniň ýolbaşçylyk edýän düzümlerinde geçen ýylda ýerine ýetirilen işler barada döwlet Baştutanymyza hasabat berdiler.***

Mejlisiň dowamynda, ilki bilen, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri B.Gündogdyýewe söz berildi. Ol geçen ýylyň dowamynda «Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerini ösdürmegiň 2022 — 2028-nji ýyllar üçin Maksatnamasynyň» çäklerinde ýerine ýetirilen işler, Ýaragly Güýçlerimiziň maddy-enjamlaýyn binýadyny döwrebaplaşdyrmak, harby gullukçylaryň gulluk we ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak boýunça alnyp barlan işler barada hasabat berdi. Şeýle hem çagyryş boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçylary gullukdan boşatmak, Türkmenistanyň raýatlaryny harby gulluga çagyrmak babatda geçirilen işleriň netijeleri barada aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, geçen ýylda ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň kuwwatyny artdyrmak boýunça maksatnamalaýyn işleriň alnyp barlandygyny, milli goşunymyzyň maddy-enjamlaýyn binýadyny, ýurdumyzyň goranmak ukybyny pugtalandyrmak ugrunda degişli işleriň ýerine ýetirilendigini aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz 2026-njy ýylda hem Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerini kämilleşdirmek we ösdürmek, onuň maddy-tehniki binýadyny döwrebaplaşdyrmak boýunça, şeýle-de harby gullukçylaryň ýaşaýyş-durmuş, gulluk şertlerini has-da gowulandyrmak, olaryň hünär taýýarlygyny we bilimini kämilleşdirmek boýunça işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministrine birnäçe anyk tabşyryklary tabşyrdy. Hormatly Prezidentimiz şu ýyl Watanymyzyň Garaşsyzlygyna 35 ýyl dolýandygyny göz öňünde tutup, bu baýrama hemmetaraplaýyn taýýarlyk görmek babatda anyk görkezmeleri berdi.

Döwlet Baştutanymyz mejlisiň barşynda ýurdumyzda asudalygy, jemgyýetçilik tertibini üpjün etmek, hukuk bozulmalarynyň öňüni almak, Ýol gözegçilik gullugynyň işine öňdebaryjy tejribäni we sanly ulgamy ornaşdyrmak, ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak, ýangyn howpsuzlyk kadalarynyň berjaý edilişine gözegçilik etmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigine ünsi çekdi. Hormatly Prezidentimiz Ý.Nuryýewi, başga işe geçmegi sebäpli, Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň başlygy wezipesinden boşatdy. Döwlet Baştutanymyz bu wezipä I.Ilamanowy belläp, ony Döwlet serhet gullugynyň başlygynyň orunbasary wezipesinden boşatdy. Hormatly Belent Serkerdebaşymyz gullugyň täze wezipä bellenilen ýolbaşçysyna işinde üstünlik arzuw edip, öňde duran ilkinji nobatdaky wezipelere ünsi çekdi we ýurdumyzyň goranyş häsiýetli Harby doktrinasynyň talaplaryna laýyklykda, dost-doganlyk serhetlerimiziň goragyny üpjün etmegiň bu ugurda öňdebaryjy tejribeleri, döwrebap tehnikalary ornaşdyrmagyň möhüm ähmiýetini belledi. Döwlet Baştutanymyz Serhet goşunlarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny yzygiderli döwrebaplaşdyrmak, harby gullukçylaryň, olaryň maşgala agzalarynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak babatda alnyp barylýan işleri dowam etmegi tabşyrdy.

Döwlet Baştutanymyz mejlisiň barşynda goranyş häsiýetli Harby doktrinamyzyň talaplaryna laýyklykda, Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň harby howpsuzlygyny we bitewüligini ýokary derejede üpjün etmek, ýurdumyzyň goranmak ukybyny berkitmek, Watan goragçylarynyň, olaryň maşgala agzalarynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da ýokarlandyrmak boýunça maksatnamalaýyn işleriň durmuşa geçirilýändigini, bu işleriň mundan beýläk-de dowam etdiriljekdigini belledi.

Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňişleýin göçme mejlisinde başga-da birnäçe möhüm meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

***«Esger».***

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI HORMATLY SERDAR BERDIMUHAMEDOWA

***Çuňňur hormatlanylýan Türkmenistanyň Prezidenti!***

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň ilkinji günlerinde gelip gowşan hoş habar — Monte-Karlo halkara sirk sungaty festiwalynda «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparyna sirk sungatyna goşan uly goşandy üçin Bütindünýä sirk federasiýasy hem-de Ýewropa Sirk assosiasiýasy tarapyndan halkara şahadatnamalaryň gowşurylmagy mynasybetli, hormatly Prezidentimiz, Sizi hem-de ata Watanymyzyň bagtyýar halkyny Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň adyndan tüýs ýürekden gutlaýaryn.

***Hormatly Prezidentimiz!***

Siziň baştutanlygyňyzda zähmet üstünlikleri bilen garşylanan 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip atlandyrylmagynyň özeninde halkymyzyň bu milli gymmatlygymyza goýýan belent sarpasy bardyr. Bu şygar biziň milli döwletlilik ýolumyzyň bedew bady bilen öňe barýandygyny görkezýär. At türkmen üçin myratdyr, maksada ýetmekdir. Täze ýylyň şygarynda aýdylyşy ýaly, bu mekan arzuwlaryň hasyl bolýan, maksatlaryň bedew batly amala aşyrylýan ýurdudyr.

Ahalteke bedewi türkmen halkynyň döredijilik zehininiň we tebigat bilen sazlaşygynyň ýokary nusgasydyr. Halkymyzyň milli buýsanjydyr. Taryha ser salanymyzda, türkmen halky bedewleri özüniň iň ýakyn dosty, hemrasy, syrdaşy hasaplapdyr. Şoňa görä-de, halkymyz «At — myrat», «At agynan ýerde toý bolar», «Aty baryň ganaty bar» diýmek bilen, öz behişdi bedewine uly hormat goýýar. Halkymyzyň buýsanjyna, tutuş adamzadyň genji-hazynasyna öwrülen ahalteke bedewleri Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkyň belent ruhuny, ösüşlerimiziň ýokary depginini aýdyň görkezýär.

***Belent mertebeli Prezidentimiz!***

Geçen ýylyň şanly wakalary hem bedewlerimiziň ýelden ýüwrük bady, dünýä dolan at-owazasy bilen başlanypdy. «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň Monako Knýazlygynyň Monte-Karlo şäherinde geçirilen 47-nji halkara sirk sungaty festiwalynda üstünlikli çykyş edip, Altyn baýraga hem-de ýörite baýraklara mynasyp bolmagy Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň rowaçlyklarynyň başyny başlan waka bolupdy. «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň agzalary öz ussatlyklaryny yzygiderli artdyrýarlar. Olar at üstünde ýerine ýetirýän çylşyrymly hereketleri, milli oýunlary bilen halkara bäsleşiklerde uly ýeňişleri gazanýarlar.

Siziň tagallalaryňyz bilen türkmen bedewlerine aýratyn üns berlip, atçylyk sungatyny ösdürmek, bu ugurda hünärmenleriň döwrebap şertlerde zähmet çekmegi babatda giň gerimli işler alnyp barylýar. Häzirki döwürde atçylygyň gadymdan gelýän milli däpleri hem täze ösüşe eýe bolýar. Ahalteke atçylyk sungatynyň we atlary bezemek däpleriniň ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawynda mynasyp orun almagy halkymyzy çäksiz buýsandyrýar.

***Sarpasy belent Prezidentimiz!***

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ösüşleri bedew badyna deňelýär. «Akylly» şäher bolan Arkadag şäheriniň sebiti ady rowaýata öwrülen ahalteke bedewleriniň mekany hasaplanýar. Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda ahalteke bedewleriniň ylmy esasda öwrenilmegi, Arkadag şäheriniň Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkinde at üstünde oýnalýan milli oýunlary kämilleşdirmek üçin ähli şertleriň döredilmegi, Arkadag şäheriniň binagärlik keşbinde türkmen bedewiniň mynasyp orny eýelemegi halkymyzyň bedew batly ösüşleriniň, beýik başlangyçlarynyň nyşany bolup dabaralanýar. Bularyň ählisi, hormatly Prezidentimiz, Siziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen taglymatyňyzyň berkarar döwletimizde uly rowaçlyklara beslenýändiginiň aýdyň güwäsidir.

***Hormatly Arkadagly Gahryman Serdarymyz!***

Bedew bady bilen gülläp ösýän berkarar Watanymyza gelip gowşan hoş habar — «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparyna sirk sungatyna uly goşandy üçin Bütindünýä sirk federasiýasy hem-de Ýewropa Sirk assosiasiýasy tarapyndan halkara şahadatnamalaryň gowşurylmagy mynasybetli Sizi hem-de mähriban halkymyzy ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýaryn. Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, döwletli başlangyçlaryňyzyň mundan beýläk hem rowaç bolmagyny, eziz Watanymyzyň bedew batly ösüşleriň täze belentliklerine çykmagyny arzuw edýärin.

Sizi hormatlamak bilen,

***Türkmen halkynyň Milli Lideri,***
***Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy,***
***Gahryman Arkadag Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW.***

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyrylan ýylymyzyň her bir güni toýdur baýramlara, şanly wakalara beslenýär. Ýurdumyzda atşynaslyk we milli sirk sungatyny ösdürmek babatda, halkymyzyň milli buýsanjy bolan ahalteke bedewlerimiziň şan-şöhratyny Ýer ýüzüne ýaýmak ugrunda ägirt uly işler alnyp barylýar. Bilşimiz ýaly, şu ýylyň 16 — 25-nji ýanwary aralygynda Monako Knýazlygynyň Monte-Karlo şäherinde 48-nji halkara sirk sungaty festiwaly geçirildi. Oňa ýurdumyza wekilçilik edip, Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumynyň «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparyna çykyş edip, Altyn baýraga we beýleki ýörite baýraklara mynasyp bolupdy. Bu ajaýyp wakanyň hormatyna Arkadag şäherinde dabaraly çäreleriň geçirilendigi we «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparyna türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň adyndan 17 müň ýewro möçberinde, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň adyndan 3 million manat möçberinde pul sowgatlarynyň gowşurylandygy aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. Şeýle hem topara Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşi tarapyndan «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyndaky «Daýanç» sagaldyş merkezine 10 günlük dynç alyş ýollanmasy, sport egin-eşikler toplumy, döwrebap tehnologiýalary özünde jemleýän enjamlar toplumy, ajaýyp türkmen halysy sowgat hökmünde gowşurylypdy.

## AHALTEKE BEDEWINIŇ ŞÖHRATY

### bu gün giň jahana ýaýylýar

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň amala aşyrýan beýik işleri bilen geljegi nazarlaýan 2026-njy ýyl — «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyryldy. Bu şygar şu ýylyň şygary bolsa-da, onda orun alan Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan Watanymyz, «At—myrat» diýen bedewirynyň seýsi — topar ýolbaşçysy, Türkmenistanyň at gazanan atşynasy Serdar Pygyýew we Türkmenistanyň Döwlet sirkiniň baş direktory Serdar Gurbangulyýew hormatly myhman hökmünde gatnaşdy. Halkara festiwalyň çäklerinde guralan dabaraly çärede «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparyna sirk sungatyna uly goşandy üçin Bütindünýä sirk federasiýasy hem-de Ýewropa Sirk assosiasiýasy tarapyndan halkara şahadatnamalar gowşuryldy. Bu bolsa milli sirk sungatymyza, hususan-da, «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparyna halkara jemgyýetçiligi tarapyndan ýokary baha berilýändiginiň ýene bir aýdyň subutnamasydyr.

Mälim bolşy ýaly, «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar topary 2007-nji ýylda Gahryman Arkadagymyzyň tagallasy bilen döredildi. Bu toparyň agzalarynyň bedewlerimiziň ýyndam hereketleri bilen utgaşyklylykda ýerine ýetirýän akrobatik we gimnastik tilsimleri, bedewlere ussatlyk bilen erk etmek, at çapmak sungatynyň ýokary derejesini görkezýän çykyşlary milli sirk sungatymyzyň naýbaşy nusgasydyr.

Ýeri gelende bellesek, 2025-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumynyň «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar topary Monako Knýazlygynyň Monte-Karlo şäherinde geçirilen 47-nji halkara sirk sungaty festiwalynda üstünlikli

Häzirki döwürde dünýä ýüzünde uly meşhurlyga eýe bolan bu topar milli medeni mirasymyzy Ýer ýüzünde giňden tanatmaga, taryhyň dowamynda halkymyzyň ynamdar ýoldaşyna öwrülen behişdi bedewlerimiziň at-abraýyny has-da belende galdyrmaga mynasyp goşant goşýar. Şu wagta çenli geçen taryhy ýollaryň ählisini at münüp, üstünlige besläp gelen türkmen halky bedewine iňňän uly hormat goýýar. Munuň hakykatdygyny şu günüň durmuş ýagdaýlaryndan başlap, taryha siňip gidýän wakalary, toýdur baýramlary, ýeňişli ýollary bir sapaga düzýän taryhy maglumatlar hem subut edýär.

Uzak ýyllaryň dowamynda her bir halk özüne mahsus milli gymmatlyklaryny döredip, asyrlarboýy sünnäläp, ajaýyp sungat derejesine ýetirýär. Taryhyň gatlaryna nazar aýlanyňda, akylyňy haýrana galdyryjy gözellikleri döredip, dünýä medeniýetine, adamzat ösüşine uly goşant goşan halkymyzda hem şeýle gymmatlyklaryň kändigine göz ýetirmek bolýar. Türkmen bedewi, halysy, dutary, şaý-sepleri, alabaý iti, saryja goýny, ak bugdaýy — bularyň ählisi biziň milletimiziň döreden gymmatlyklarynyň esasylarydyr. Şol gymmatlyklar bu gün dünýä gymmatlygyna öwrülen milli baýlygymyzdyr.

miz baradaky setirler halkymyzyň kalbynda asyrlar bäri ýaşap gelýän jümledir.

Elbetde, sen haýsy kärde zähmet çekýänem bolsaň, milliligiň, milli gymmatlyklaryň barada gürrüň gozgaýan kitaplary sahaplap başlasaň, ol eserler bada-bat seni özüne kökerýär. Türkmenleriň gamyşgulak bedewleri barada aýdanymyzda, ilki bilen, Milli Liderimiziň çuňňur paýhasynyň önümi bolan «Ahalteke bedewi — biziň buýsanjymyz we şöhratymyz», «Gadamy batly bedew», «Atda wepa-da bar, sapa-da» atly kitaplary aňyňda janlanýar.

Ata-babalary at seýislemekde meşhurlyk gazanan şahsyýetleriň nesli bolan Gahryman Arkadagymyzyň bize peşgeş beren eserlerini okanyňda bedew baradaky maglumatlara, hususan-da, onuň taryhy, gelip çykyşy, seýislenişi, ösdürilip ýetişdirilişi... umuman, ahalteke atlary bilen bagly umman deýin maglumatlar goruna duşmak bolýar. Biziň ýokarda aýdanlarymyza subutnama hökmünde Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň: «Behişdi ahalteke bedewlerini milli seçgiçilik esasynda kemala getiren ata-babalarymyz bu ugurda öz ussatlyklaryny görkezip, nusgalyk işleri bitiripdirler» diýen sözlerini getirsek, söhbedimiz has hem ýerine düşer.

***(Dowamy 2-nji sahypada).***



# ÖZBOLUŞLY BINAGÄRLIGIŇ WE TÄZEÇIL TEHNOLOGIÝALARYŇ ŞÄHERI

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow golaýda ýurdumyzda şähergurluşyk maksatnamasynyň häzirki zaman talaplaryna we ýokary halkara görkezijilere laýyk derejede durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň nyşany bolan Arkadag şäherine iş saparyny amala aşyrdy. Milli Liderimiz ir bilen Gökdepe şaýoly bilen Akhan şaýolunyň çatrygynda ýerleşýän döwrebap köprini synlady. Häzirki döwürde Arkadag şäheriniň çäklerinde ýol-ulag düzümine degişli desgalaryň gurluşygyna, olaryň oňaýlylyk, uzak möhletleýinlik derejesine möhüm ähmiýet berilýär. Desgalaryň bezeg işlerine, olaryň ýanaşyk ýerleriniň abadanlaşdyrylmagyna hemmetaraplaýyn esasda çemeleşilýär.

Köpriniň üstünden Arkadag şäheriniň nurana binalarynyň seleňläp görünýändigini nazara alanyňda, şäher bilen ýoluň özara arabaglanyşygynda bezeg aýratynlyklaryna aýratyn ähmiýet berilmelidir. Hormatly Arkadagymyz bu işleriň talabalaýyk alnyp barylmalydygyny aýdyp, Arkadag şäheriniň merkezine tarap ýola düşdi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy ýolugra şäheriň ikinji tapgyrynda gurluşygy batly depginde dowam edýän durmuş maksatly binalaryň ýanynda saklandy. Nobatdaky tapgyrda önümçilik we durmuş maksatly binalaryň gurluşygyna möhüm ähmiýet berilýär. Munuň özi täze iş orunlarynyň döredilmegini, ilatyň ýokary derejeli ýaşaýyş şertleriniň üpjün edilmegini şertlendirýär.

Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy D.Orazowyň we Arkadag şäheriniň häkimi G.Mämmedowanyň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Onda Arkadag şäherini ösdürmegiň ikinji tapgyrynda alnyp barylýan işler, dürli maksatly binalaryň gurluşyklarynyň depginini ýokarlandyrmak, olara sanly ulgamy ornaşdyrmak bilen baglanyşykly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Bellenilişi ýaly, hormatly Prezidentimiziň gol çeken resminamalaryna laýyklykda, Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda medeni-durmuş, önümçilik maksatly desgalaryň jemi 220-den gowragy gurulýar. Şunda umumybilim berýän mekdepleriň, çagalar baglarynyň, 5, 7 we 9 gatly ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygyna ähmiýet berilýär. Binalarda häzirki zaman şertleri, ýaşaýyş jaýlarynda bolsa ýokary derejeli ýaşaýşy, dynç alşy üpjün edýän mümkinçilikler döredilýär. D.Orazow medeni-durmuş maksatly binalaryň gurluşyklarynyň hem batly depginde alnyp barylýandygyny aýdyp, döwlet tarapyndan yzygiderli goldawyň berilýändigi, ýaşaýyş jaýlarynda ýokary derejeli amatlyklaryň üpjün edilýändigi üçin Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza şäher ilatynyň adyndan hoşallyk bildirdi.

Iş maslahatynyň dowamynda Arkadag şäheriniň häkimi G.Mämmedowa häzirki döwürde bu ýerde öňde boljak şanly seneleri mynasyp derejede dabaralandyrmak, olary guramaçylykly geçirmek boýunça ýaýbaňlandyrylan taýýarlyk işleri barada maglumat berdi. Bellenilişi ýaly, Arkadag şäherinde ýurdumyzyň durmuşynda möhüm ähmiýeti bolan şanly seneleri mynasyp dabaralandyrmak bilen bir hatarda, adamlary täze jaýlara göçürip getirmek boýunça işler hem guramaçylykly alnyp barylýar. Gahryman Arkadagymyz bu ýerde amatly ýaşaýyş, göwnejaý dynç alyş we täze iş orunlaryny döretmek bilen bagly meseleleriň döwletimiziň hemişelik üns merkezinde saklanýandygyny aýtdy.

Milli Liderimiz soňky wagtda häkimlik tarapyndan alnyp barylýan işlerde haýal-ýagallyga ýol berilýändigine we işleriň guralyşynyň talabalaýyk däldigine nägilelik bildirip, bu ugurdaky işleriň häzirki zaman talabyna laýyk derejede guralmalydygyny, şäheriň abadançylyk we arassaçylyk derejesiniň yzygiderli üns merkezinde saklanmalydygyny, ähli işlere gözegçiligiň has-da güýçlendirilmelidigini aýratyn nygtady. Halk Maslahatynyň Başlygy täze şäheriň çäklerinde guralýan baýramçylyk dabaralarynyň, şanly seneleriň ýokary derejede geçirilmegi, oňa şäher ilatynyň, aýratyn-da, ýaşlaryň işjeň gatnaşmagy ugrunda zerur tagallalaryň edilmelidigini belläp, Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany ýylynyň dowamynda ägirt uly işleriň bitirilmelidigini aýtdy.

*«Esger».*

# WATAN GORAGÇYLARYNA BAÝRAMÇYLYK SOWGADY

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleri Garaşsyzlyk ýyllarynda tutanýerli harby özgertmeleriň netijesinde, kämil tehnikalar, sanly ulgamyň mümkinçilikleri bilen yzygiderli üpjün edilip, kuwwatly goşuna öwrüldi. Häzirki wagtda ýurdumyzda Watan goragçylarynyň, olaryň maşgala agzalarynyň ýaşaýyş-durmuş, gulluk we iş şertleriniň gowulandyrylmagy hemişe üns merkezinde saklanylýar. Harby we hukuk goraýjy edaralaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny has-da berkitmek, döwrebaplaşdyrmak, Watan goragçylarynyň gulluk etmegi, dynç almagy üçin has oňaýly şertleri döretmek Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany ýylynda hem ýurdumyzyň oňyn syýasatynyň, amala aşyrýan harby özgertmeleriniň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda orun alýar. Şeýle tagallalardan ruhlanýan harby gullukçylar merdana ata-babalarymyzyň şöhratly ýörelgelerini mynasyp dowam etdirip, Watanymyzy tutanýerli goraýarlar. Gahryman Arkadagymyzyň «Watan goragy mukaddesdir», «Mert ýigitler gaýrat üçin dogulýar», «Mertler Watany beýgeldýär» atly eserlerinde, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly kitabynyň «Watan goragy ynamly gollarda» atly bölüminde hem bu mukaddes borja baky wepalylyk beýan edilýär. Şeýle eserler ösüp gelýän ýaş nesilleri, aýratyn-da, Watan goragçylaryny harby-watançylyk ruhunda terbiýelemekde, olarda türkmen halkynyň gahrymançylyga beslenen asylly häsiýetlerini kemala getirmekde möhüm ähmiýete eýedir.

Golaýda hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň harby bölümleriniň täze binalar we desgalar toplumynyň açylyp ulanmaga berilmegi Watan goragçylarynyň hünär baýramçylygyna ajaýyp toý sowgady boldy. Milli goşunymyzyň harby bölümleri üçin niýetlenen täze toplum dolandyryş binasyndan, nyzam meýdançasyndan, naharhanadan, medeniýet öýünden, esger ýatakhanasyndan, lukmançylyk nokadyndan, açyk sport meýdançasyndan, päsgelçilik ýodasyndan, meýdan okuw-türgenleşik suw howdanyndan, awtoulaglar üçin duralgadan, gulluk, hojalyk, ýaşaýyş-durmuş maksatly binalardan ybarat bolup, olarda harby gullukçylar üçin amatly mümkinçilikleriň ählisi göz öňünde tutulandyr.

Toplumyň binagärlik çözgüdi, tehniki taýdan enjamlaşdyrylyşy, otaglarynyň ýerleşdirilişi, bu ýerde döredilen şertler ýokary halkara ölçeglere, harby-guramaçylyk talaplaryna hem doly laýyk gelýär. Binalaryň döwrebap tehnologiýalar, iň täze enjamlar hem-de programmalar bilen üpjün edilmegi milli goşunymyzyň maddy-enjamlaýyn binýadynyň pugtalandyrylýandygyny, onuň ähli düzümlerine sanly ulgamyň üstünlikli ornaşdyrylýandygyny aýdyň görkezýär. Ýatakhanada ýerleşdirilen mebelleriň, hojalyk tehnikalarynyň hem-de beýleki esbaplaryň ählisiniň ýurdumyzda öndürilmegi aýratyn guwandyryjydyr.

Şeýlelikde, çagyryş boýunça harby gullukçylar ýatakhananyň içinde dynç almaga, teleýaýlymlara tomaşa etmäge mümkinçilik alýarlar. Ýatakhananyň içinde gündelik lybaslary we sport eginbaşlaryny, okuw esbaplaryny hem-de arassaçylyk serişdelerini saklamak üçin niýetlenilen döwrebap tekjeler ýerleşdirilipdir.

Täze binalar toplumynyň naharhanasy häzirki döwrüň talaplaryna doly laýyk gelip, onda nahar taýýarlamak, azyk önümlerini talabalaýyk saklamak üçin ýörite otaglar, ammarlar bar. Aşpezleriň hünär derejesini ýokarlandyrmaga ýardam berjek okuw-usulyýet otaglary hem döwrebaplylygy bilen tapawutlanýar. Şeýle amatly şertler naharlaryň milli aşpezlik ýörelgelerine laýyk gelmegini, has tagamly bolmagyny üpjün edýär.

Medeniýet öýi medeni-köpçülik çärelerini, döredijilik duşuşyklaryny, terbiýeçilik agşamlaryny geçirmek üçin niýetlenilen tomaşaçylar zalyny, okalga otagyny, giň we bezemen sahnany hem-de döwrebap iş otaglarynyň ençemesini özünde jemleýär. Lukmançylyk nokadynda saglygy goraýyş serişdeleriniň giň toplumy, enjamlaryň dürli görnüşleri ýerleşdirilipdir. Bu ýerde ilkinji lukmançylyk kömegini bermek üçin anyklaýyş, maslahat beriş otaglary bilen bir hatarda bejergi, sargy, dermanhana, gatnawly we ýatymlaýyn bejergi otaglary hem göz öňünde tutulypdyr. Şeýle giň mümkinçiliklere eýe lukmançylyk düzümi çagyryş boýunça harby gullukçylaryň saglygyny gorap saklamaga we berkitmäge töwerekleýin çemeleşmäge ýardam berýär.

Toplumyň çäginde ulanmaga berlen ýaşaýyş jaýlarynyň giň we ýagty otaglary döwrebap mebeller bilen enjamlaşdyrylypdyr. Zerur bolan ähli şertler, hojalyk tehnikalary, esbapdyr beýleki serişdeler bilen üpjün edilen döwrebap aşhana hem jaýlaryň gurluşyk işleriniň döwrüň ösen talabyna laýyk derejede ýerine ýetirilendigine şaýatlyk edýär. Harby bölümleriň täze desgalar toplumyna ýanaşyk çäkde bina edilen ýaşaýyş jaýlarynyň daş-töweregi talabalaýyk abadanlaşdyrylypdyr.

Ýaragly Güýçlerimiziň şeýle täze binalar we desgalar toplumlarynyň yzygiderli gurulmagy we dabaraly ýagdaýda açylyp ulanmaga berilmegi milli goşunymyzyň maddy-enjamlaýyn binýadynyň barha kämilleşdirilýändiginiň, harby gullukçylaryň we olaryň maşgala agzalarynyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň has-da gowulandyrylýandygynyň anyk mysalydyr.

Goý, Watan goragçylarynyň jogapkärli borçlaryny mynasyp ýerine ýetirmekleri üçin giň mümkinçilikleri döredip berýän hormatly Belent Serkerdebaşymyzyň jany sag, başy belent bolsun!

***Ýazmuhammet ÖWEZBERDIÝEW,***
***TGM-niň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Harby institutynyň mugallymy, maýor.***

















TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

# AHALTEKE BEDEWINIŇ ŞÖHRATY

## bu gün giň jahana ýaýylýar

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

Ahalteke bedewlerimiz baradaky maglumatlara aglaba kitapda duşmak bolýar. Taryh ylymlarynyň doktory, professor Wiktor Iwanowiç Sarianidiniň «Marguş Murgap derýasynyň köne hanasynyň aýagyndaky gadymy gündogar şalygy» atly kitaby-da şeýle eserleriň hataryndadyr. Awtor bu kitabynda, Goňurdepede geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde adamlaryň jaýlanan gadymy mazarlarynyň arasyndan edil ynsanlaryň jaýlanylyşy ýaly, sag egnine ýatyrylyp, umumylykda kabul edilişi ýaly, başujy demirgazyga gönükdirilip jaýlanan, anatomiki taýdan dolulygyna abat ýagdaýda bolan taýçanagyň mazarynyň ýüze çykarylandygyny aýdýar. «Uly ýaşly at däl-de, eýsem, taýçanagyň jaýlanmagy hiç bir ikirjiňlenme döretmezden, onuň başga jelegaýlardan getirilen taýçanak däl-de, eýsem, öýdekileşdirilen bolandygyny, hut şol ýerde dünýä inendigi baradaky pikiri döredýär» diýip, alymyň pikirini paýlaşmagy türkmen topragynda ýetişdirilen atlaryň nesil daragt kökleriniň taryha siňip gidýändigini görkezýär.

Şunlukda, kitapdaky gabat gelen gyzykly maglumatlarymyň ýene biri, Goňurdepede geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň barşynda ýüze çykarylan tapyndylaryň arasynda bürünçden, kümüşden we faýansdan ýasalan owaz çykaryjy turbalar, ýagny turbalarynyň agzy giň bolan üflenip çalynýan saz gurallarynyň bolmagydyr. Biziň eýýamymyzdan ozalky ikinji müňýyllykda bu ses çykarýan gurallar diňe atlary türgenleşdirmek üçin ulanylypdyr. Şunluk bilen, bu tapyndylaryň ähmiýetli tarapy has giňelýär we Margianada bürünç döwründe atlaryň eýýäm eldekileşdirilendigine ýene-de bir gezek şaýatlyk edýär.

Biziň eýýamymyzdan ozalky III-II müňýyllygyň sepgidinde, 4000 ýyldan gowrak mundan öň, gadymy türkmen taýpalary atşynaslyk bilen meşgullanyp başlapdyrlar, öz hojalyklarynda eldekileşdirilen atlary ösdürip ýetişdiripdirler diýmäge ähli esaslar bar. Şunlukda, atlaryň tohumlaryny seçip almagyň başy başlanypdyr, munuň özi, ahyrky netijede, atlaryň ahalteke şahasynyň döremegine getiripdir. Biziň bilşimiz ýaly, Marguşdan tapylan taýçanak, üflenip çalynýan saz gurallary we beýleki taryhy subutnamalar hut şu ýerde — ahalteke atlarynyň watanynda has gadymy medeniýetiň bolandygyny aňladýar.

Türkmen halkynda «Agaç ekeni biler, at — bakany». «Ertir tur, ataňy gör, atańdan soň — atyňy» diýen pähimler bar bolsa, biziň eýýamymyzdan ozalky V asyrda ýaşap geçen gadymy grek taryhçysy Gerodot: «Gündogarda ajaýyp atlar gezýän Nusaý atly ägirt uly giňişlik bar» diýip ýazypdyr. «Nusaý atlary öz gözelligi bilen tapawutlanýar. Bu bedewler kuwwatly şalara mynasyp. Olar tüňburun buýsançly başlaryny belent tutýar we olaryň ýallary howada owsun atýar». Biziň eýýamymyzdan ozalky II asyrda ýazylan bu ruhlandyryjy setirler bolsa, gadymy rim taryhçysy Appiana degişlidir. Gadymy meşhur grek geografy we taryhçysy Strabon bolsa: «Nusaý bedewleri iň iri we owadan atlardyr, olary pars şalary münýärler» diýip, türkmen bedewiniň hemmetaraplaýyn owadanlygyny tassyklaýar. Bu aýdylanlaryň üstüne gadymy grek taryhçysy Ksenofontyň: «Ýüwrüklikde dünýäde hiç bir zat olar bilen bäsleşip bilmez, kepderiler we durnalar olaryň yzyna zordan eýerýär» diýen sözlerini-de goşsak, has hem ýerine düşer.

Goý, ýelden ýyndam, gamyşgulak bedewlerimiziň mertebesini belende galdyryp, türkmen halkynyň şan-şöhratyny Ýer ýüzüne ýaýýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

***Dünýägözel ATAÝEWA,***
***Aşgabat dokma toplumynyň ykdysadyýetçisi.***



# ÇAGALARYŇ ABADANÇYLYGYNA GÖNÜKDIRILEN YNSANPERWER ÝÖRELGELER

**Türkmenistanyň we BMG-niň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) köpýyllyk hyzmatdaşlygynda esasy orny tutýar**

***24-nji ýanwarda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa bilen BMG-niň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) Türkmenistandaky wekili Jalpa Ratnanyň arasynda duşuşyk geçirildi. Onda ýurdumyzyň ýaş raýatlarynyň bähbidine köpýyllyk netijeli dialogy mundan beýläk-de pugtalandyrmagyň meselelerine garaldy.***

Söhbetdeşler birek-biregi mähirli mübärekläp, ösüp gelýän ýaş nesliň abadan durmuşy we saglygy baradaky aladanyň Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanyp, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugry bolup durýandygyny bellediler. Duşuşygyň dowamynda gysga wagtyň içinde ynsanperwer ýörelgeleri amala aşyrmagyň ajaýyp nusgasyna öwrülen Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň alyp barýan işine üns berildi. Nygtalyşy ýaly, gazna tarapyndan howandarlyga mätäç çagalara ýokary derejeli lukmançylyk kömegini bermek, durmuş goldawyny üpjün etmek boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar.

BMG-niň Çagalar gaznasynyň wekili Türkmenistanyň eneligi we çagalygy goramak babatda başlangyçlarynyň Durnukly ösüş maksatlaryna doly laýyk gelýändigini aýdyp, gazna bilen gatnaşyklaryň çuňlaşdyrylmagyna gyzyklanma bildirilýändigini belledi. Ýurdumyzyň bu ugurda toplan tejribesi giň halkara ykrarnama mynasypdyr. ÝUNISEF-niň Türkmenistandaky wekilhanasy bilen Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň arasynda gol çekilen özara düşünişmek hakynda Ähtnamanyň durmuşa geçirilmegi duşuşykda ara alnyp maslahatlaşylan esasy meseleleriň biri boldy. Bu resminama durmuş ähmiýetli wezipeleri çözmekde tagallalary birleşdirmek üçin berk hukuk binýady bolup çykyş edýär. Pikir alyşmalaryň çäklerinde Ähtnamanyň bilelikdäki hereketleri utgaşdyrmak babatda täze gözýetimleri açýandygy bellenildi. Şunuň bilen baglylykda, taraplar ösüp gelýän ýaş nesliň abadan durmuşy üçin has amatly şertleri döretmäge gönükdirilen bu resminamany ýerine ýetirmäge taýýardyklaryny tassykladylar.

Duşuşygyň dowamynda bilelikdäki taslamalaryň amala aşyrylyşy bilen baglanyşykly meseleler barada-da durlup geçildi. Nygtalyşy ýaly, häzirki wagtda özara hyzmatdaşlyk yzygiderli we uzak möhletleýin häsiýete eýe bolup, saglygy goraýyş, inklýuziw bilim, çagalaryň durmuşa goşulyşmagy ýaly dürli ugurlary öz içine alýar. Geljek üçin meýilnamalary ara alyp maslahatlaşmagyň dowamynda taraplar ynsanperwer meseleleriň giň toplumy boýunça ýakyn dialogy dowam etdirmegi maksat edinýändiklerini tassykladylar.

ÝUNISEF-niň wekili Türkmenistanyň çagalaryň hukuklaryny goramak babatda halkara borçnamalaryny ýerine ýetirmäge jogapkärçilikli çemeleşýändigine ünsi çekdi. Haýyr-sahawat gaznasynyň alyp barýan işi bu ugurda döwlet kepilliklerini iş ýüzünde durmuşa geçirmegiň möhüm guraly bolup durýar.

Duşuşygyň ahyrynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa hem-de BMG-niň Çagalar gaznasynyň Türkmenistandaky wekili Jalpa Ratna tagallalaryň birleşdirilmeginiň çagalaryň röwşen geljegini üpjün etmek işinde täze sepgitlere ýetmäge mümkinçilik berjekdigini belläp, ýola goýlan hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.

Şeýlelikde, bu duşuşyk adamy jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy hasaplaýan Türkmenistanyň çagalaryň saglygynyň hem-de ýagty geljeginiň bähbidine ynsanperwer taglymlara, halkara hyzmatdaşlyga ygrarlydygynyň nobatdaky güwäsi boldy.

***«Esger».***

# MERDANA WATAN GORAGÇYLARY MERTEBELI MÜNBERDE



Ýaňy-ýakynda Watan goragçylarynyň güni mynasybetli Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Berdimuhamet Annaýew adyndaky Ýöriteleşdirilen harby mekdebinde aýdym-sazly baýramçylyk dabarasy geçirildi. Baýramçylyk dabarasy harby gullukçylaryň ýerine ýetiren şowhunly çykyşlary bilen dowam etdi. Berkarar Watanymyzy, hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän beýik işlerini wasp edýän şirin owazlar dabara gatnaşan harby gullukçylaryň watançylyk ruhuny belende göterdi. Taýýarlanan edebi-sazly kompozisiýalar Watan goragçylarynyň özleri üçin döredilýän mümkinçiliklere bolan buýsanjyny alamatlandyrdy. Her bir çykyş ýurt goragçylarynyň ýürek buýsanjy bolup ýaňlandy. Harby gullukçylaryň Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň paýhaslaryndan kemal tapan «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylymyzyň adyna döredilen aýdymy ýerine ýetirmekleri dabaranyň many-mazmunyny artdyrdy. Dabara gatnaşanlar uly joşgun bilen bilelikde «Biz — Watanyň goragçysy-galkany» atly aýdymy ýerine ýetirdiler. Bu aýdym Ýaragly Güýçlerimiziň binýadyny kämilleşdirmek boýunça döwrebap harby özgertmeleri durmuşa geçirýän, ata Watanymyzyň sarsmaz galasy bolan merdana ýurt goragçylary hakynda aýratyn alada edýän hormatly Belent Serkerdebaşymyza hoşallygyň nyşanyna öwrüldi.









Şeýle hem Watan goragçylarynyň güni mynasybetli Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Merkezi serkerdeler öýünde halkymyzyň abadan durmuşyny üpjün etmekde we harby borja ygrarlylykda tapawutlanan harby gullukçylara döwlet sylaglary gowşuryldy, ýörite harby atlar dakyldy, hünär derejeleri berildi. Sylaglanan harby gullukçylar harby kasamy kabul edip, mukaddes borja wepalylyk bilen hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän oňyn özgertmeleriniň dabaralanmagy ugrunda yhlaslaryny gaýgyrman zähmet çekjekdiklerine ynandyrdylar.

Harby gullukçylaryň ýokary döwlet sylaglary bilen sylaglanmagy ýurdumyzda Watan goragçylary hakynda aýratyn alada edilýändigini, olara belent sarpa goýulýandygyny ýene bir ýola äşgär edýär. Ýokary döwlet sylaglaryna mynasyp bolan Watan goragçylary yhlasly zähmetlerine goýlan uly sarpa üçin hormatly Belent Serkerdebaşymyzyň adyna tüýs ýürekden çykýan alkyş sözlerini aýtdylar.

***Şöhrat AMANOW,***
***podpolkownik.***

# Belent hormatyň eýeleri

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany ýylynda döwletimizde giňden bellenilen Watan goragçylarynyň gününi has-da dabaralandyrmak maksady bilen, Myrat Garryýew adyndaky TDLU-nyň Harby-lukmançylyk fakultetiniň guramagynda «Berdimuhamet Annaýewiň gahrymançylykly zähmet we söweş ýoly — harby talyplar üçin nusgalyk terbiýe mekdebidir» atly ylmy-amaly maslahat guraldy. Türkmenistanyň Döwlet senasynyň ýaňlanmagy bilen başlanan ylmy-amaly maslahat umumy bölümde dowam etdi. Maslahatda uniwersitetimiziň tejribeli professor-mugallymlary, talyp ýaşlary çykyş etdiler. Hususanda, uniwersitetiň Harby-lukmançylyk fakultetiniň dekany, lukmançylyk gullugynyň podpolkownigi Muhammetnazar Nurnazarow ussat mugallym, watançy esger, ilhalar ynsan Berdimuhamet Annaýewiň zähmet ýoly bilen bagly maglumatlary gürrüň bermek bilen, Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet guşy» romanyndan täsirli pursatlary şahsy düzüme ýetirdi.



Watan goragçylary üçin müdimilik nusga öwrülen Gahryman Arkadagymyzyň atasy, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň garry atasy ussat mugallym, watançy esger, ilhalar ynsan Berdimuhamet Annaýew uruş ýyllarynda Watany goramakda nusgalyk görelde görkezen gahrymandyr. Bilşimiz ýaly, Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň 75 ýyllyk baýramynyň bellenilen günlerinde ýurdumyzyň hem-de halkymyzyň durmuşynda aýratyn ähmiýetli wakalar boldy. Şol gün Russiýa Federasiýasynyň goranmak ministriniň orunbasary Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň 75 ýyllygynyň dabaralaryna gatnaşmak hem-de Gahryman Arkadagymyzyň atasy Berdimuhamet Annaýewiň söweşen 206-njy atyjylyk diwiziýasynyň 748-nji atyjylyk polkunyň söweşjeň baýdagyny gowşurmak üçin paýtagtymyza geldi. Bu söweşjeň baýdagyň we degişli resminamalaryň TGM-niň Berdimuhamet Annaýew adyndaky Ýöriteleşdirilen harby mekdebine gowşurylmagynyň ähli Watan goragçylarynda uly mertebe duýgusyny döredendigi barada fakultetiň mugallymlary, lukmançylyk gullugynyň uly leýtenanty Hudaýnazar Öwezowyň we lukmançylyk gullugynyň uly leýtenanty Mämmet Mämmedowyň çykyşlarynda aýratyn bellenildi.



Maslahatdaky çykyşlaryň mazmunyndan ýurdumyzyň milli goşunynda gazanylan üstünlikler, ýetilen belent sepgitler baradaky maglumatlar erişargaç bolup geçdi. Uniwersitetimizde geçirilen maslahatyň dowamynda «Melhem» aýdym-saz toparynyň ýerine ýetiren joşgunly çykyşlarynda eziz Diýarymyzyň gazanýan üstünlikleri, Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän özgertmeleri, talyp ýaşlaryň ata Watanymyza çuňňur söýgüleri belentden ýaňlandy.

Ylmy-amaly maslahatyň ahyrynda oňa gatnaşanlaryň ähli Milli Liderimize, Arkadagly Gahryman Serdarymyza döredip berýän mümkinçilikleri üçin alkyş sözlerini aýtdylar.

***Ýagşymyrat NURYÝEW,***
***Myrat Garryýew adyndaky TDLU-nyň Harby-lukmançylyk fakultetiniň dekanynyň orunbasary, maýor.***

# HARBY HÜNÄRE SARPA



Watan goragçylarynyň güni mynasybetli «Gül zaman» medeni-dynç alyş merkezinde Türkmenistanyň Goranmak ministrligi tarapyndan guralan baýramçylyk dabarasynda harby hünäre belent sarpa, buýsanç öz beýanyny tapdy. Aýdym-sazly baýramçylyk dabarasyna Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň harby gullukçylary, harby talyplar we harby okuwçylar gatnaşdylar.

Hormatly Prezidentimiz, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy, goşun generaly Serdar Berdimuhamedowyň: «Watan — bu şöhratly pederlerimiziň iň gymmatly mirasydyr. Onuň goragynda sak durmak her bir türkmen perzendi üçin mukaddes borçdur, belent mertebedir» diýen sözleri biziň her birimiz üçin merdi-merdanalyga, edermenlige, mert pederlerimiziň gahrymançylykly ýoluna eýermäge çagyrýan watançylyk sargydyna öwrüldi. Bu günki gün Watanymyzyň öz mert ogullaryna goýulýan sarpanyň mysalynda bu jümläniň düýp manysyna has-da aýdyň göz ýetirmek bolýar.

Watan goragçylarynyň hünär baýramçylygynyň şanyna guralan dabarada Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň aýratyn tagallalary bilen täze taryhy döwürde edermen ýurt goragçylary üçin döredilýän ajaýyp mümkinçiliklere çuňňur hoşallyk öz beýanyny tapdy. Çünki Watan goragy her bir türkmen perzendi üçin belent borç, beýik mertebedir. Dabarada ýerine ýetirilen çykyşlarda gadamy dogumdan, göreçleri buýsançdan doly ýurt goragçylary ykbalyny şu topragyň ykbalyna, bagtyny şu iliň bagtyna baglap, eziz Watanymyzyň goragynda sak durjakdyklaryny beýan etdiler.

Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň aýdym-saz toparlarynyň ýerine ýetiren çykyşlary baýramçylyk çäresiniň şatlyk-şowhunyny has-da artdyrdy. Buýsançly aýdym-sazlarda ýurdumyzyň gazanýan ösüşleriniň, Watan mukaddesliginiň, Milli Liderimiziň, hormatly Prezidentimiziň umumadamzat ähmiýetli işleriniň waspy belentden ýetirildi.



Ýurdumyzyň asudalygy ugrunda belent borjy birkemsiz ýerine ýetirýän Watan ogullaryny bir döwrede jemlän dabara oňa gatnaşanlary mukaddes Garaşsyzlygymyzy, baky Bitaraplygymyzy mundan beýläk-de gözüň göreji deýin goramaga, döwletimiziň eýe bolýan üstünliklerine mynasyp goşant goşmaga has-da ruhlandyrdy.

***Batyr BAÝRAMDURDYÝEW,***
***kapitan.***

# WATAN GORAGY MUKADDESDIR



## GOŞALANYP GELEN BAÝRAM

Ene topragyny söýýän milletiň asuda Watanynda günler toýdur baýramlara ulaşýar. Ynha, Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany ýylynda halkymyz hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Watan goragçylarynyň gününi ýokary guramaçylykda belledi. Baýramçylyk mynasybetli Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň düzüminde täze, döwrebap serhet galasynyň açylyp ulanylmaga berilmegi bolsa merdana serhetçilerimiziň baýramçylyk şatlygyny goşalandyrdy.

Häzirki zaman nusgasynda gurlan döwrebap serhet galasynyň açylyş dabarasynda Döwlet senamyz ýerine ýetirilip, merdana ýurt goragçylarymyz tarapyndan ene topragymyzy, ata Watanymyzy, mukaddes serhetlerimizi wasp edýän aýdymlar ýaňlandy. Eziz Diýarymyzyň başlanýan ýeri bolan mukaddes serhetlerimizde uzak ýyllaryň dowamynda gulluk eden halypa serkerdelerimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan taryhy işleri, ýurt goragçylarymyz hakynda edýän aladalary, Watanyň näderejede gymmatlygy, mukaddesligi dogrusynda çykyş etdiler. Soňra dabara gatnaşanlar täze serhet galasynda döredilen mümkinçilikler bilen tanyşdylar.

Häzirki zaman serhet galasynda ýurt goragçylarymyza harby gulluklaryny üstünlikli alyp barmaklary üçin ähli şertler bar. Dünýä ülňülerine laýyk gelýän serhet galasynda gulluk hem durmuş maksatly otaglaryň birnäçesi göz öňünde tutulan. Bulardan başga-da, serhet galasynyň çäginde Watanymyzyň polat galkany hasaplanýan merdana serhetçilerimize we olaryň maşgalalaryna niýetlenen ýaşaýyş jaý toplumy hem bar.

Watan goragçylarynyň gününiň dabara bilen bellenilýän günlerinde gullugymyzyň düzüminde täze, döwrebap serhet galasynyň açylyp ulanylmaga berilmegi bilen bir hatarda, hormatly Prezidentimiziň gol çeken resminamalaryna laýyklykda, gulluk hem-de wezipe borçlaryny berjaý etmekde tapawutlanan harby gullukçylara döwlet sylaglarynyň gowşurylmagy we nobatdaky harby atlaryň dakylmagy buýsandyryjy wakalaryň özboluşly dowamy boldy.



***Ata IŞADOW, polkownik:***

— Watan goragy pederlerimiziň mertlik mekdebiniň dowamy bolup, bu günki gün her birimiziň kalbymyzda mynasyp orun tapýar. Hut şonuň üçin hem halkymyzyň merdana ýurt goragçylaryna bolan hormaty has-da belent. Sebäbi Watan asudalygy, zemin parahatlygy, ilimiziň öz ojaklaryndan sag-aman örmekleri üçin eziz Diýarymyzyň watanperwer ogullary jogapkärli gulluklaryny üstünlikli alyp barýarlar. Bu günki gün maňa hem hormatly Prezidentimiziň Permanyna laýyklykda «polkownik» harby adynyň dakylmagyny, ýurt goragyndaky mynasyp işlerimize berlen ýokary baha hasaplaýaryn. Nesip bolsa, mundan buýana-da mukaddes serhetlerimiziň asudalygy, halkymyzyň abadançylygy ugrunda öz gulluk borjumyzy ak ýürekden ýerine ýetireris.



***Magtymguly NURBERDIÝEW, podpolkownik:***

— Türkmen maşgalasynda kemala gelýän oglanlar esger ruhy bilen ulalyp, il ogly, Watan perzendi bolmak üçin merdanalygy mekdep edinýärler. Kakalarymyzyň esgerlik ýatlamalaryndan başlanan serkerde bolmak höwesi, esgerlige uzalan menziller bizi kämillige sary atarýar. Şeýle mertebeli ýollar maňa hem harby gullukçy bolup, harby derejelere mynasyp bolmaga mümkinçilik berdi. Bu gün bolsa hormatly Prezidentimiziň Permany bilen Türkmenistanyň «Watana bolan söýgüsi üçin» medaly bilen sylaglanmagym, ak ýürekden edýän harby gullugymyza bildirilen belent sarpadan nyşan diýip düşünýärin. Nesip bolsa, geljekde hem biz — serhetçiler mukaddes araçäklerimizi gözlerimiziň göreji deý gorajakdygymyza tüýs ýürekden ynandyrýarys.



***Şamuhammet MEREDOW, polkownik:***

— Yhlas bilen ata Watana edilen gullugyň bahasyz hormaty hemişe-de harby gullukçylara goýulýan sarpany belende göterýär. Mukaddes araçäklerimiziň ygtybarly goragynda durýandygymyzyň serpaýy hökmünde Türkmenistanyň II derejeli «Watan öňündäki birkemsiz harby gullugy üçin» medaly bilen sylaglandym. Bu gün şeýle hormata mynasyp bolýan serhetçiler üçin gurulýan täze serhet birikmeleridir serhet galalarynda häzirki zaman dünýäsiniň talaplaryna laýyk gelýän enjamlaryňdyr tehnikalaryň ornaşdyrylmagy bolsa, diňe bir merdana serhetçilerimiziň gullugynyň üstünligi bolman, eýsem, Watanymyzyň asudalygynyň, halkymyzyň abadançylygynyň hem kepilidir diýip buýsanç bilen aýdyp bileris. Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Belent Serkerdebaşymyzyň ýurdumyzyň dost-doganlyk serhetleriniň eldegrilmesizligi ugrunda edýän taýsyz tagallalary, bizi öz ornumyzda ykjam durmaga borçlandyrýar.

***Ýazga geçiren Selbi AŞIROWA,***
***Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň harby gullukçysy, kapitan.***

## WYSALA BARÝAN ARZUWLAR

*Ähli arzuwlar öz gözbaşyny çagalykdan alyp gaýdýar. Aýratyn-da, täsin arzuwlar. Döwlet serhet gullugynyň merkezi edarasynda zähmet çekýän podpolkownik Batyr Ýaýlyýewiň gürrüňlerini diňläp oturyşyňa, göz öňüňde mawy asman hem-de şol asman ýaly päkize çagalyk janlanýar.*

Jumagül gelneje bahym mekdebe gitmeli ogluna indi oýunjak daşap ýörmän, kitapdyr depder äberilse gowy boljakdygyny aýdanam bolsa, Gurbannazar aga yhlas bilen demirden bejerilen owadan uçary sowgat getirdi. «Men hökman uçarman bolaryn» diýip, arzuwlap ýören oglanjygyň begenişi nämä degmeýär?! Onuň göwnüne sowgat berlen oýunjak uçar ony «Uçarman bolaryn!» diýip, ynam bilen öz-özüne, daşyndakylara söz beren bagtyna tarap alyp gitjek ýalydy. Ol, hakykatdan hem uçarman, onda-da mukaddes araçäklerimiziň goragy ynanylan uçarman serkerde bolup ýetişdi. 2000-nji ýylda Watan goragyny üstünlikli tamamlan Batyr Ýaýlyýew TGM-niň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Harby institutynyň harby awiasiýa hünäriniň harby talyby bolmagy başardy. 2004-2005-nji ýyllar aralygynda Ukrainanyň Kremençuk şäherindäki Halkara awiasiýa uniwersitetinde ýörite okuwda bolan ýaş uçarmana eýýäm 2005-nji ýylda «Mi-8MTW» kysymly dikuçaryny dolandyrmak doly ynanyldy.

Dikuçary dolandyrmak ynanylan ýigit uçarman serkerdäniň lybasynda gelende, begenjinden dideleri ýaşaran ejesi: «Beýle mertebe her kese ynanylýan däldir, balam!» diýip, ogluny bagryna bassa, kakasy onuň kesbiniň örän ünsli bolmagy talap edýändigini nygtap, öwüt berdi. Doganlary Serdar, Mährijemaldyr Ýusup bolsa: «Uçar sowgat eden bolsaňyz, biz hem uçarman bolardyk» diýip, şol birmahalky oýunjak uçarly wakany ýatlap degişdiler.

Ençeme ýyllap mukaddes Watanymyzyň belentliklerinde kän uçuşlary amala aşyran uçarman köp harby derejäniň eýesi boldy. Halypasy — polkownik Toýly Meredowyň onuň elini berk gysyp: «Bu ýol ýeňil däldir. Emma Watanyň ykbalyna dahyllydygy üçin hormatlydyr» diýen jümlesini ýatda saklan ýaş leýtenantyň özi bu gün halypalyga ýeten podpolkownik. Örän jogapkärli tabşyryklarda amala aşyran üstünlikli uçuşlary hakynda soranymyzda, ol bize hersi bir jiltlik buýsanç bolan gürrüňleri aýdyp berdi. Podpolkownik Batyr Ýaýlyýew mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanyna bagyşlanyp geçirilen dabaraly harby ýörişleriň ençemesinde «Agusta» kysymly dikuçary ussatlyk bilen dolandyryp, dideleri buýsanç bilen mawy göge bakdyryp bilen serkerde. Onuň özüne ynanylan dikuçara ezberlik bilen erk edip, çylşyrymly hereketleri amala aşyryp bilşindäki ussatlygy, bu günki gün harby uçarmanlarymyzyň arasynda mesawy gürrüňdeşlikde hem ýygy-ýygydan buýsanç bilen ýatlanylýar. Ýaş serkerdeleriň ählisi diýen ýaly, podpolkownik Batyr Ýaýlyýewi maslahatçy halypa saýýar. Häsiýeti boýunça parahat serkerdäniň: «Şägirt özüňden kämil bolup ýetişmeli» diýip, bilýänlerini ilik-düwme öwretmäge jan edişi, onuň diňe kämil hünärmenliginden däl, eýsem, ynsanlyk babatynda göreldeli şahsyýetdiginden hem habar berýär.



Bu gün döşüni Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 15, 16, 25, 30 ýyllygyna bagyşlanyp geçirilen dabaraly harby ýörişe gatnaşyjylara dakylan ýubileý medallar, «Ussat serhetçi» döşe dakylýan nyşanyň I-II derejesi bezeýän halypanyň maşgalasynda myhmançylykda bolanymyzda, «uçmak» babatynda onuň tüýs bagtynyň getirendigine göz ýetirdik. Kesbi boýunça lukman Jennet gelnejemiziň, heniz ýeke söz diýmänkä ýoldaş podpolkownigiň näme diýjek bolýandygyna düşünip duran ýürekdeşligi, Nuranadyr Muhammedalynyň ýylgyryp duran ýüzleri, onuň bagtyň giňişliginde-de ganat ýaýýandygynyň sözsüz mysaly boldy. Ýoldaş podpolkownigiň mukaddes ojagyndaky şükranalyk, agzybirlik «Iň bagtly adam — öz öýünde bagtly adamdyr» diýen jümläni ýadyňa salýar. Nurana jigimize: «Sen-ä ulalsaň lukman bolsaň gerek?» diýip, habar gatanymyzda, «Belki, kakamyň kesbini saýlaryn» diýen dogumly sözleri bizi hasam haýran galdyrdy.

Çaga arzuwlary ganatly bolýar. Dogrudan-da, belkide bir gün gelip, bu mukaddes ojakda ilkinjileriň hatarynda ady agzaljak uçarman gyz bilen söhbetdeş bolarys?! Gürrüň uçarmanlyk hakda gitse, kakasyna meňzemek höwesi bilen gözjagazlary begençden lowurdaberýän Muhammedaly jigimiziň Aýazbabadan sowgat alan dikuçaryny höwes bilen uçuryşyny synlap, onuň özüniň hem bir gün hökman uçarman boljakdygyna ynandyk. Çagalygyň päkize arzuwlary hökman hasyl bolýar ahyry?!

*Biz podpolkownik Batyr Ýaýlyýewiň mukaddes ojagynda söhbetdeşlik taýýarlap, onuň bagtyýar maşgalasy bilen hoşlaşyp ýola düşenimizde, Köpetdagyň belentliklerinde asmana däl-de, geljege tarap ganat ýaýyp barýana meňzeş, çalaja sudur bolup görünýän goşa bürgüde gözümiz düşdi. Göwnüme bolmasa, olar tüýs ýürekden uçarman bolmak isleýän jigilerimiziň wysallara sary howlugyp barýan süýji arzuwlaryna meňzeýärdiler.*

***Aknur ROZYÝEWA,***
***Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň harby gullukçysy, maýor.***

Hemişelik Bitarap Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk şanly baýramyna barýan günlerimizde Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany ýylynda uly şatlyk-şowhun bilen bellenilen Watan goragçylarynyň güni mynasybetli dabaralaryň tutuş ýurt derejesinde ýaýbaňlandyrylmagy ähli türkmen halkynyň, ylaýta-da, biz — Watan goragçylarynyň buýsanç duýgusyny has-da artdyrdy.

## BAÝRAMÇYLYK DABARALARY

Gahryman Arkadagymyzyň pähim-paýhasy, hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygy bilen häzirki wagtda ýurdumyz dünýäde parahatçylygyň, asudalygyň, dostlukly gatnaşyklaryň, ynamly hyzmatdaşlygyň berkeýän merkezine öwrüldi. Asudalygy berkarar etmek bilen, Watanymyzyň parahatçylygyny nazarlaýan ýurdumyzda Watan goragçylarynyň öz mukaddes kärlerinde buýsançly zähmet çekmekleri üçin ähli mümkinçilikler döredilýär. Ajaýyp şertleriň döredilmegi hem-de asylly zähmetiň miwesi hökmünde uly hormata mynasyp bolmak harby gulluga bolan höwesiňi has-da artdyryp, täze üstünliklere itergi berýär.

Baýramçylyk dabaralarynyň dowamynda Watan goragynda yhlasly zähmeti, gujur-gaýraty bilen tapawutlanan harby gullukçylara döwlet sylaglarynyň gowşurylyşy has-da täsirli boldy. Harby borja wepalylykda tapawutlanan harby gullukçylara döwlet sylaglarynyň gowşurylyp, ýörite harby ataryň dakylmagy Diýarymyzda ýurt goragçylary hakynda aýratyn alada edilýändigini, olara belent sarpa goýulýandygyny ýene bir ýola äşgär etdi.

Watan goragy diňe ýurduň asudalygy we abadan ýaşaýşyň goragy bolmak bilen çäklenmän, eýsem, her bir ynsanyň, ylaýta-da, Watan goragçysynyň kalbyndaky eziz Diýarymyza bolan söýginiň mizemezliginiň nyşanydyr. Ýurt goragçylaryna nusgalyk görelde bolup, halkynyň bagtyýar durmuşyny, parahat ýaşaýşyny berkarar eýleýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, başlary dik bolsun, il-ýurt bähbitli işleri hemişe üstünliklere beslensin!

***Döwlet HALLYMÄMMEDOW,***
***Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň Aşgabat şäher gümrükhanasynyň «Ak ýol» gümrük nokadynyň kiçi gözegçisi, kapitan.***

## ÝAŞ WATANÇYLARYŇ BÄSLEŞIGI



Ýurdumyzda her ýyl giňden bellenilýän Watan goragçylarynyň güni mynasybetli Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Berdimuhamet Annaýew adyndaky Ýöriteleşdirilen harby mekdebiniň harby okuwçylarynyň gatnaşmagynda Çagalar awtoşäherçesinde «Ýol hereketiniň kadalaryny berjaý etmek biziň borjumyzdyr!» atly bäsleşik guraldy. Ýaş nesilleri watançy, ruhubelent, bilimli ýaşlar edip ýetişdirmek maksady bilen geçirilen bu çäre, olaryň diňe bir harby başarnyklaryny kämilleşdirmek bilen çäklenmän, olara ýol hereketiniň kadalaryny, ýaşlaryň ýol hereketiniň howpsuzlygyna jogapkärli garamaklaryny gazanmaga uly itergi berdi. Iki tapgyrdan ybarat bolan bäsleşigiň birinji tapgyrynda harby okuwçylar kompýuterleşdirilen okuw otagynda ýörite taýýarlanylan elektron sowalnamalaryň sowallaryna dogry jogap bermek, ikinji tapgyrda bolsa ulagy dolandyrmakda, şeýle hem berlen goşmaça ýumuşlary amal etmekde öz ukyp-başarnyklaryny görkezdiler.

Bäsleşigiň ýeňijilerine Hormat hatlary we ýadygärlik sowgatlary gowşuryldy.

***Taýmaz PIRJANOW, «Esger».***

## GULLUK EDÝÄRIS JANDAN EZIZ DIÝARA!

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda şöhratly pederlerimiziň okamak, öwrenmek, gurmak, döretmek hem-de mukaddes Watany goramak baradaky milli däpleri mynasyp dowam etdirilýär. Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynda Watan goragçylarynyň güni mynasybetli «Gulluk edýäris jandan eziz Diýara!» atly ylmy-amaly maslahat geçirildi.



Maslahatyň dowamynda Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň rektory, tehniki ylymlaryň kandidaty Batyr Mämmedow çykyş edip, Ýaragly Güýçlerimiziň maddy-tehniki binýadyny kämilleşdirmek, ýokary bilimli harby hünärmenleri taýýarlamak, Watan goragçylary hakynda döwlet tarapyndan edilýän aladalar, harby ylym we bilim ulgamlarynda gazanylýan üstünlikler dogrusynda belledi. Şeýle hem maslahatda institutyň uly mugallymy, Türkmenistanyň Hormatly il ýaşulusy Amangeldi Orazow, institutyň ylym bölüminiň başlygy Amanmyrat Arazow, Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň harby gullukçysy, polkownik Aşyrmämmet Hydyrow, Raýat goranyşy fakultetiň dekany, polkownik Orazmyrat Annaýew hem-de fakultetiň serkerde-mugallymlary we harby talyplary çykyş etdiler. Soňra Watan goragçylarynyň güni mynasybetli ylymda, bilimde, okuw-terbiýeçilik işlerinde has tapawutlanan serkerde-mugallymlara we harby talyplara Hormat hatlarydyr ýadygärlik sowgatlar gowşuryldy. Şeýle-de şol gün talyp ýaşlaryň döreden ylmy-taslama işleriniň sergisi guraldy. Sergide görkezilen taslamalar talyp ýaşlaryň döwrebap derejede bilim alýandyklarynyň, innowasion tehnologiýalardan baş çykarýan döwrebap hünärmenler bolup ýetişýändikleriniň aýdyň subutnamasy boldy. Dabaranyň dowamynda Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň «Bagtyýarlyk binasy» aýdym-saz toparynyň çykyşlary ýaňlandy.

Şeýle dabaralaryň yzygiderli geçirilmegi hormatly Belent Serkerdebaşymyzyň parasatly baştutanlygynda üstünlikli amala aşyrylýan harby özgertmeleri wagyz etmekde, Watan goragçylarynda ruhy-ahlak gymmatlyklaryny, sagdyn durmuş ýörelgelerini kemala getirmekde möhüm ähmiýete eýedir.

***Nuryagdy AKMÄMMEDOW,***
***Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň Raýat goranyşy fakultetiniň dekanynyň orunbasary, polkownik.***



## WATANÇY ÝAŞLARYŇ SPORT ÜSTÜNLIKLERI

Ýaňy-ýakynda Aşgabat şäherinde ýaş ýetginjekleriň arasynda sportuň uniwersal söweş laýt görnüşi boýunça Türkmenistanyň Kubogyny almak ugrunda ýaryş geçirildi. Ýaryşa Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Soltan Sanjar adyndaky Ýöriteleşdirilen harby mekdebiniň harby okuwçylary hem gatnaşyp, olardan Döwletgeldi Begnazarow, Nurana Rahadow, Seýran Serdarow, Jeýhun Maksadow, Maksat Çaryýew, Allanur Aşyrow 1-nji, Serdar Möwlamow, Diýar Agajanow dagy 3-nji baýrakly orna mynasyp boldular. Uly ýaşly türgenleriň arasynda 80 kilogram agramda çykyş edip, uly leýtenant Azim Azimow 1-nji baýrakly orny eýeledi. Ýeňijiler Hormat hatlary we ýadygärlik sowgatlary bilen sylaglandylar.

***Gurban ARTYKOW,***
***TGM-niň Soltan Sanjar adyndaky Ýöriteleşdirilen harby mekdebiniň bedenterbiýe mugallymy.***

ESGER
ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI
hepdelik gazet
Baş redaktor
Serdar MYRADOW

Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edilýär. Redaksiýa gelýän hatlara jogap, syn berilmeýär we golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar.

Gazetiň belgisi - 69457.
Möçberi - 4 sahypa.
Ölçegi - A2.
A—118002
Sany - 23200

Gazetiň asyl nusgasy «ESGER» gazetiniň Kompýuter merkezinde taýýarlandy.

Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär.
Telefon belgisi: 39-95-36.

TELEFON BELGILERIMIZ:
Kabulhana, faks - 38-62-23.
Jogapkär kätip - 38-61-93.
Bölümler - 38-61-94, 38-62-16, 38-62-72, 38-62-25, 38-62-27.

SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly — 100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.
E-mail: esger-gazeti@sanly.tm
Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.

4 833001 500134
Gazet hepdäniň penşenbe güni çykýar.
Bahasy 30 teňňe.